**BBM CHANNELS-DE MAZMUN BILEN BAGLY BERJAÝ EDILMELI ÝÖRELGELER**

Sizden şu ýörelgeleriň kanuny maslahat däldigini we olary berjaý etmegiň kanun bilen hiç hili baglanyşygynyň ýokdugyny bilmegiňizi haýyş edýäris. Biziň öz ätiýaçlygymyz üçin bellenip geçilen ýörelgelere gabat gelmeýän ýa-da maksadalaýyk bolmadyk islendik mazmuny aradan aýyrmaklyk hukugyna eýediris.

1. **Umumy ýörelgeler.**

   a. Siz ýazýan hatlaryňyzyň, mahabatlaryňyzyň we höweslendirmeleriňiziň (ählisi bilelikde mundan beýläk “Mazmun” diýlip atlandyrylar) hereket edýän ähli kanunlara, düzgün-kadalara, ýörelgelere we önümçilik kodekslerine laýyk gelmegini üpjün etmäge borçlanýarsyňyz.

   b. Agzalyp geçilenler bilen çäklendirmezden, eger-de siziň Mazmunyňyz belli bir ýaşdaky ýa-da kanuny taýdan belli bir döwletde ýaşaýan ulanyjylar üçin niýetlenip, ulanyjynyň ýaşyny we döwletini anyklap bolmaýan bolsa, siz ol ulanyja öz Mazmunyňyzy görkezip bilmeýärsiňiz. Biz bu babatda ýardam berýän hem bolsak, şeýle ýardamyň ýeterlikdigini kepillendirmeýäris, munuň netijesinde siz Mazmunyňyzyň görkezilýän her bir ýurdunda kanunalaýyk çäklendirmeler boýunça hereket etmäge doly borçlanýarsyňyz.

   c. BBM Channels Administratorlaryň söwda markasyna, gurama, çärä ýa-da şahsa degişli bolan Mazmunlary goýmagy we görkezmegi üçin niýetlenendir. Kanalyňyzy üçünji taraplaryň mahabatlaryny görkezmek üçin ulanmak, şeýle hem öz Kanalyňyzy başga adamlara ulanmaga bermek we şuňa meňzeş hereketler gadagan edilýär.

   d. Mazmun tebigy we mazmun taýdan dogry, erbetligi ündemeýän bolmaly, hileli ýa-da aldawly bolmaly däl.

   e. Eger-de siziň Mazmunyňyz bir internet saýtyna salgylanylýan linki özünde saklaýan bolsa, Mazmunda höweslendirilýän önümler ýa-da hyzmatlar degişli saýtyň sahypalarynda aýdyň görkezilen bolmaly. Bellenen link fişing saýtlaryna, zyýanly programmalara ýa-da beýleki zyýanly kodlara ýa-da saýtlara, şeýle hem aňsatlyk bilen ýerini anyklap bolmaýan saýtlara salgylanmaly däldir.

   f. Mazmun islendik bir üçünji tarapyň hukuklaryny, şol sanda awtorlyk hukugy, söwda belligi, şahsy maglumatlaryň gizlinligi we äşgärlik, intellektual we beýleki eýeçilik hukuklary bozmaly däl.

   g. Mazmunda öz içinde girdeji gazanmaga, golçur kompaniýalardan we çykyşa esaslanýan täjirçilik hereketleri arkaly girdeji almaga gönükdirilen mahabatlary we üçünji tarapyň mazmunyna salgylanmalar bolmaly däl.

   h. Ýazmaça ygtyýarnama berilmedik bolsa, Mazmunda “BlackBerry” ýa-da onuň şahamça kompaniýalary bilen gatnaşyk ýa-da hyzmatdaşlyk edilýändigi barada ýaňzydylmaly däl.

2. **Çäklendirilen Mazmun.**Mazmun aşakda görkezilenleri öz içinde saklap ýa-da olary hödürläp bilmeýär:

a. Ýetginjekler üçin mazmun, şol sanda ýetginjeklere niýetlenen ýa-da pornografik žurnallar, kitaplar, suratlar, filmler ýa-da beýleki doly hem ýa-da ýarym ýalaňaçlyklary we jynsy mazmuny bolan materiallar.

b. Ýigrenç dörediji, zalym bolmaga iterýän, howp salyjy ýa-da kemsidiji mazmunlar, şol sanda:

    i. Jyns ýa-da etnik taýdan gelip çykyş, reňk, milli taýdan gelip çykyş, din, syýasat bilen galtaşyk, maýyplyk, ýaş, weteranlyk statusy ýa-da jyns orientasiýasy esasynda belli bir şahsy ýa-da goragly topary tarap tutunmak;

    ii. Adamlara ýa-da haýwanlara ezýet ýa-da özüňe zyýan bermek we şuňa meňzeş mazmun;

    iii. Ýigrenç dörediji, jenaýata iteriji ýa-da terrorçylykly hereketler we şeýle mazmun;

    iv. Yzygiderli bir köpçülige gönükdirilen gereksiz maglumatlary we teswirleri ugratmak we goýmak arkaly howp salýan we birahat edýän görnüşli mazmun;

c. Degişli kanunlaryň rugsat berýän we degişli kanunlara hem-de senagat kodeksine, görkezmelerine, lisenziýalaryna we ygtyýarnamalara laýyk gelmegi halatlaryndan daşgary alkogol, temmäki, ýaraglar we humar bilen meşgullanmak, diňe şeýle ýagdaýda Mazmun belli bir ýaşdaky ýa-da bir döwletdäki ulanyjylaryň girmegi çäklendirilýär.

d. Bikanun ýa-da dynç almak üçin ulanylýan narkotik derman serişdeleri.

e. Bikanun önümler ýa-da hyzmatlar ýa-da üçünji taraplaryň hukuklarynyň, şahsy maglumatlaryň gizlinligi we beýleki hereket edýän maglumat goraýyş hukuklary bozýan önümler we hyzmatlar.

f. Tutuşlygyna ýa-da bölekleýin suratda gizlin we zyýanly programmalary, wiruslary özünde saklaýan ýa-da ulanyjynyň garaşylmadyk, aldawly ýagdaýa sezewar edýän programma üpjünçiligi.